# Maşgala tragediýasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Maşgala tragediýasy MAŞGALA TRAGEDIÝASY



Eşidenden gören ýaman,
Çykýan zaryn heň bolanda.
Göýä tene çümen tiken,
Örän howply çuň bolanda.
Ýer tutmasa atañ sözi,
Mydam aşak bolar ýüzi,
Hormatlamaz ogul-gyzy
Hal-ahwaly teň bolanda.

Üzmek aňsat köňül tarny,
Ýaman söz göýäki ýargy.
Heý-de, agzybirlik bormy
Maşgalada jeň bolanda?!

Arada ene kösener,
Onuňam haly peseler,
Duşmanlar gülüp, eseler,
Ýyrtyk ýaka-ýeň bolanda.

Muňa niçik garar gelin?
Götorermi iki elin?!
Güýçlä tarap salar ýolun,
Garşydaşlar deň bolanda.

Yrsgal-bereket bor neneň!
(Syn eýläp, pikir et senem)
Şu zatlar bolmasyn ýenem,
Täze-täze Gün doganda.

Şyhymyrat, biraz dur-la!
Garjaşan pikirleň durla!
Ýamanlyk bor, togsan urna,
Ýagşylyklar on bolanda.

Şyhymyrat ABDYLLAÝEW. Goşgular